***Şu gün, 20-nji dekabrda Tokioda «Merkezi Aziýa — Ýaponiýa» dialogynyň birinji sammiti geçirildi. Agzalan dialog meýdançasynyň döredilen wagtyndan bäri geçen 21 ýylyň dowamynda iň ýokary derejede ilkinji gezek guralan sammite gatnaşmak üçin hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen birlikde, Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow, Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon, Türkmenistanyň, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew hem dostlukly ýurtda saparda bolýarlar.***

«Hotel New Otani Tokyo» myhmanhanasynda Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlary resmi taýdan garşylanandan soňra, Ýaponiýanyň Premýer-ministri hanym Sanae Takaiçiniň başlyklygynda ýokary derejeli altytaraplaýyn duşuşyk geçirildi. Sammitiň dowamynda oňa gatnaşýan Liderler gezekli-gezegine çykyş etdiler.

«Merkezi Aziýa — Ýaponiýa» sammitiniň dowamynda oňa gatnaşyjylar altytaraplaýyn hyzmatdaşlygy hil taýdan täze derejä çykarmak bilen bagly möhüm meseleleri ara alyp maslahatlaşyp, syýasy dialogy, sebitara hyzmatdaşlygy, işewürligi ilerletmek, intellektual we ynsanperwer alyşmalar ýaly ugurlarda anyk teklipdir garaýyşlary beýan etdiler.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 08.05.2026